**№ 1– z (işçi güýji) "Kärhanalaryň (edaralaryň, guramalaryň) işçi güýjüne harajatlarynyň düzümi barada hasabat" (bir wagtlaýyn, 3 ýyldan bir gezek) döwlet statistiki hasabat formasyny doldurmak boýunça gollanma**

№ 1-z (işçi güýji) döwlet statistik hasabat formany döwlet eýeçiligine degişli kärhanalar, edaralar we guramalar, maliýeleşdiriş çeşmesine garamazdan Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan bellenilen sanawa laýyklykda hasabat döwründen soň 1-nji marta çenli tabşyrylýar.

Formanyň salgy böleginde hojalyk subyektleriniň doly ady , poçta salgysy we HSUK-nyň kody görkezilýär.

№ 1-z (işçi güýji) forma boýunça döwlet statistik hasabaty Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2008-nji ýylyň 10-njy oktýabryndaky № 44 buýrugy bilen tassyklanan işgärleriň sanawynyň we iş haklarynyň statistikasy boýunça gollanma(mundan beýläk gollanma) laýyklykda doldurylýar.

## 1 BÖLÜM
## IŞGÄRLERIŇ SANY, IŞLENEN WE TÖLENEN WAGTY

Ortaça iş hakyny hasaplamak üçin işgärleriň hakyky sany 01 setirden hasaplanýar– bu işgärleriň aýratyn toparyny goşmazdan, işgärleriň sanaw boýunça sany.

Olara aşakdakylar degişli:

- çaga seretmek üçin rugsatdaky aýallar;
- ýokary ýa-da ýörite orta mekdeplere okuwa giren, giriş synaglary tabşyrýanlar iş haky saklanmazdan zähmet rugsadyndaky işgärler;
- iş haky saklanmazdan gysga wagtlyk zähmet rugsadyndaky işgärler.

Ortaça iş hakyny hasaplamak üçin işgärleriň kabul edilýän sanynda sanaw düzüminde durmaýan käbir işgärler, işçi güýçlerini bermäge döwlet edaralary bilen ýörite şertnama boýunça iş üçin işe çekilenler (harby gullukçylar we tussagda bolanlar). Şeýle işgärleriň sany bu kärhananyň bir işgäriniň ortaça iş hakyna aýda bellenilen hakyky iş hakynyň gaznasy bilen kesgitlenýär.

Düzüm sanawyna girmeýän işgärler, raýat-hukuk şertnamasy esasynda işleri ýerine ýetirýän işgärler, beýleki kärhanalardan, edaralardan esasy işiniň daşyndan utgaşdyryp alnan işgärler.

Bir kärhanada iki, bir ýarym iş wezipesi berlen, işgärleriň sanawynda bir adam hökmünde hasaplanylýar.

Doly däl iş wagta işe alnan işgärler, işlenen iş wagtyna görä hasaplanýar.

Iş wagty – kesgitli wagt bolup, onuň dowamynda işgär kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna ýa-da iş grafigine ýa-da zähmet şertnamasynyň ýa-da köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) şertlerine laýyklykda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli, şeýle hem wagtyň beýleki döwürleri bolup, olar Türkmenistanyň Zähmet Kodeksine (mundan beýläk TZK), ýa-da Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda iş wagtyna degişlidir. (58-nji madda TZK).

Iş wagtynyň ulanyşynyň hasaby iş wagtynyň ulanylyşyny hasaba alyş tabelinde, ýyllyk tabel kartoçkasynda we ş.m. alnyp barylýar.

Tölenen işgärleriň adam-sagat sanlary 02 setirde hasaba alynýar (03, 04 setirleriň jemi).

Işlenilen adam-sagat (03 setir) sanyna işgärler tarapyndan işden daşary we baýramçylyk (iş däl) günleri hem-de dynç alyş (iş tertibi boýunça) günleri işlenilen sagatlary hasaba almak bilen şol edaranyň esasy işi wezipesi boýunça-da, utgaşdyrylyp işlenilýän işi boýunça-da, iş saparlaryndaky sagatlary goşmak bilen işlenilen sagatlar goşulýar.

Işlenilen adam-sagadyna şu aşakdakylar goşulmaýar**:**

- işgärleriň her ýylky, goşmaça, okuw, durmuş, zähmet rugsatlary, edara tarapyndan iş hakyny tölemezden berilýän zähmet rugsatlary;

- ýarawsyzlyk döwri;
- kärhananyň içindäki salkynlaýyn işleriň duran wagty;
- çagany iýmitlendirmek üçin enäniň işdäki arakesme sagatlary;
- 18 ýaşdan kiçi işgärleriň işiniň dowamlylygynyň gysgaldylan sagatlary;
- iş hakynyň saklanandygyna ýa-da saklanmandygyna garamazdan, işde işgäriň ýok wagtyndaky beýleki ýagdaýlar.

Işlenmedik, emma tölenen adam-sagatlaryň sanlary 04 setirde hasaba alynýar (05-07 setirleriň jemi).

Ýyllyk goşmaça, okuw we döredijilik rugsadynda bolan işgärlere tölenen işgärleriň adam-sagat sanlaryna aşakdakylar girýär: her ýyldaky esasy rugsada tölenen adam-sagatlary; goşmaça tölegli rugsat; gaýybana görnüşler boýunça ýokary we orta hünärmenlik okuw mekdeplerinde önümçilikden aýrylman okaýan işgärlere rugsat (şol sanda daşary döwletlerde), hakyna tutýan adam tarapyndan (84-nji madda TZK), berilýän rugsatlar.

Zähmet rugsadynyň tölenen ýa-da bölekleýin tölenen adam-sagatlarynyň sany aşakdaky ýaly hasaplanylýar: zähmet rugsadynyň senenama günleriniň sany (zähmet rugsadynyň hakyky senenama günleriniň sany görkezilýär, meselem, 30 gün) hepdäniň günleriniň sanyna bölünýär (7 gün) we hepdeleriň alnan sany şol gurama üçin iş hepdesiniň bellenen dowamlylygyna köpeldilýär (meselem, 40 sagat) = 171 sagat;

Işgäriň günäsi bolmazdan işlenilmedik, ýone tölenen adam-sagat 06 setirde, görkezilýär.

TZK-da işgäriň günäsi bolmazdan tölemäge degişli işlemän durmaklygyň aşakdaky görnüşleri göz öňünde tutulýar:

- işgär bellenilen kadalara laýyklykda, hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri bilen üpjün edilmedik halatynda, iş berijiniň işgärden zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegini talap etmäge hukugy ýokdur we ýüze çykýan ýagdaý boýunça işden boş duran wagty üçin şu Kodekse laýyklykda tölemäge borçludyr. (174-nji madda TZK);
- işgär öz günäsi bolmazdan zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk babatynda okuw geçmedikligi, bilimiň we endikleriniň barlagyny we hökmany deslapky ýa-da döwürleýin lukmançylyk gözegçiligini geçmedik ýagdaýynda, aýratyň goralýan zolaklara ygtyýar berilmändigi sebapli işden çetleşdirilen halatlarynda oňa edil boş durlandaky ýaly işden çetleşdirilmeginiň bütin döwri üçin töleg amala aşyrylýar (38-nji madda, 3-nji bent TZK).

Bar bolan tejribä laýyklykda, tölenýän işlenmän duran wagta enjamyň döwülmegi ýa-da eger işgär iş berijä habar beren bolsa, işleriň ýerine ýetirilmegini dowam etdirmäge mümkinçilik bermeýän başga şoňa meňzeş sebäplere görä ýüze çykan işlemän durmaklyk degişli.

07 setirde TZK 60-62 bentlerinde bellenilen döwlet we jemgyýetçilik borçlarynyň ýerine ýetirilmegine, hünär derejesini ýokarlandyrmak we işgärleri gaýtadan taýýarlamak ulgamynda, oba hojalyk işlerine çekilýän, saglygy goraýyş gözegçilige; 18 ýaşdan kiçi işgärleriň, we beýleki işgärleriň toparlarynyň ýeňillik sagatlarynyň tölenen adam-sagatlarynyň wagty görkezilýär.

Işlenilmedik, ýöne tölenen adam-sagatlarynyň sanyna göwreliligi we çaga dogranlygy üçin goşmaça rugsatdaky aýallar, şeýle hem çaga dogrulýan öýden çagany ogullyk (gyzlyk) alanlygy sebäpli rugsatdakylar hem-de çagalara seretmek üçin goşmaça rugsatdaky aýallar, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy kagyzlary ýa-da güwänamalar bilen resmileşdirilen keseller boýunça şahslaryň gelmedik wagty goşulmaýar.

## 2 BÖLÜM
## KÄRHANALARYŇ (EDARALARYŇ, GURAMALARYŇ) IŞÇI GÜÝJÜNE HARAJATLARYNYŇ DÜZÜMI

Zähmet boýunça 1-z (işçi güýji) hasabaty düzülende, işgärler bilen iş haky boýunça hasaplaşyklar geçirýän töleg resminamalaryna laýyklykda töleg üçin hasaplanan pullaryň jemi görkezilýär. Şonda görkezilen jemi töleg brutta, ýagny, kanunçylyga degişli salgytlary we beýleki tutumlary aýyrmazdan görkezilýär.

Kärhananyň işçi güýjüne harajatlary Halkara zähmet guramasy (HZG) tarapyndan maslahat berlen Çykdajylaryň halkara klassifikasiýasyna laýyk gelýän 10 topar boýunça harajatlaryň ugry boýunça toparlara bölündi.

Bu toparlaryň düzüminde iş hakynyň düzümini, pul däl görnüşde zähmet tölegini, ilatyň sosial goraglylygyna çykdajylaryň düzümini, şol sanda hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň şertnamasy boýunça tölenýän ätiýaçlandyryş tölegleri aýratyn häsiýetlendirýän görkezijiler tapawutlandyrylýar.

Işlenen wagta töleg 02 setirde (03-09 we 19-27 setirleriň jemi) gözkezilýär we aşakdakylary öz içine alýar: işgärlere işlenen wagt üçin tarif derejeleri we wezipe haky boýunça hasaplanan iş haky, ýerine ýetirilen iş (işlenen wagt) üçin potratlaýyn baha kesmek boýunça bellenen göterim görnüşinde (satylan möçberde), peýdadan paý görnüşinde hasaplanan iş haky, bazar nyrhlary boýunça hasaplamadan ugur alyp, natural zähmet tölegi tertibinde işgärlere berlen harytlaryň ýa-da önümleriň gymmaty.

Işlenmedik wagt üçin töleg 28 setirde (29-39 setirleriň jemi) gözkezilýär we her ýylky we goşmaça zähmet rugsatlaryna tölegi, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan okuw we döredijilik rugsatlary, işgäriň günäsi bolmazdan işlenmedik wagt üçin tölegi we işlenmedik wagt üçin beýleki tölegleri öz içine alýar.

Bir wagtlaýyn höweslendiriji tölegler 40 setirde (41- 48 setirleriň jemi) gözkezilýär we tölenýän çeşmesine garamazdan bir wagtlaýyn baýraklary; bir wagtlaýyn berilýän pul tölegleri (baýramçylyk seneleri bilen baglylykda, işgärlere berilýän sowgatlaryň gymmaty) pul görnüşinde däl tölegleri öz içine alýar. Şonda sowgatlaryň gymmaty bazar nyrhlaryndan (tariflerinden) ugur alyp, nyrhlar (tarifler) döwlet tarapyndan düzgünleşdirilende bolsa döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän bölek satuw söwda nyrhlaryndan ugur alyp hasaba alynýar.

Iýmit we ýaşamak üçin iş hakyna goşulýan töleg 49 setirde (50-54 setirleriň jemi) gözkezilýär, oňa Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärlere mugt berlen iýmitiň we önümleriň gymmatynyň tölegi ýa-da degişli öwezini doluş pul möçberi (azyk bilen öwezini doluş) girýär.

Işçi güýjüne ýokarda görkezilen harajatlaryň möçberi kärhananyň (edranyň, guramanyň) iş hakynyň gaznasyna girýär.

Işgärleri ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek boýunça kärhananyň harajatlary 55 setirde (56-61 setirleriň jemi) gözkezilýär we guramanyň balansynda durýan ýa-da döwlet edaralaryndan alnan subsidiýalary we salgyt ýeňillikleri ni aýyrmak bilen, paý görnüşinde gatnaşmak tertibinde maliýeleşdirilýän ýaşaýyş jaý gaznasyny saklamak üçin harajatlary, işgärlere ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin berilýän maddy kömegi; işgärleriň eýeçiligine berlen ýaşaýyş jaýynyň gymmatyny; işgärleri ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek boýunça beýleki harajatlary özünde jemleýär .

Işgärleriň sosial goraglylygyna kärhananyň harajatlary 62 setirde (63-72 setirleriň jemi) gözkezilýär: Bu bölümde hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna we hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasyna tutumlar görkezilýär. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda wagtlaýyn işe ukypsyzlygy boýunça kärhananyň serişdeleriniň hasabyna tölenýän kömek pullarynyň möçberi we işgärleriň sosial goraglylygyna kärhananyň beýleki harajatlary.

Hünär okuwyna çykdajylar 73 setirde (74-76 setirleriň jemi) gözkezilýär, oňa döwlet akkreditasiýasyny alan kärhana bilen bilim edarasynyň arasynda baglaşylan şertnamalaryň esasynda önümçilik zerurlygy bilen baglylykda bilim edaralarynda okaýan işgärleriň taýýarlygyna we gaýtadan taýýarlygyna harajatlar; okaýan işgäriň okuw mekdebiniň ýerleşýän ýerine we yzyna gatnawy üçin gatnaw peteginiň nyrhynyň tölegi; ýokary ýa-da orta hünärmenlik mekdeplerini tamamlan ýaş hünärmenlere işe başlamazdan öň rugsat wagtynda kärhana tarapyndan berilýän kömek puly we beýleki çykdajylar degişli.

Medeni-durmuş hyzmatlaryna çykdajylar 77 setirde (78-87 setirleriň jemi) gözkezilýär we kärhananyň balansynda durýan ýa-da döwlet edaralaryndan alnan subsidiýalary we beýleki harajatlary bilen paý görnüşinde gatnaşmak tertibinde maliýeleşdirilýän naharhanalary, kitaphanalary, klublary, sport desgalaryny, mekdebe çenli çagalar edaralaryny saklamak üçin harajatlary öz içine alýar.

Öňki klassifikasion toparlara degişli edilmedik işçi güýjüne harajatlar 88 setirde (89-94 setirleriň jemi) gözkezilýär we iş saparyna Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen kadanyň çäklerinde we ondan daşary harajatlary; mugt berlen hemişelik şahsy peýdalanyşda galýan, forma egin-eşiginiň, harby egin-eşigiň bahasy ýa-da olaryň arzan bahadan satylmagy bilen baglanyşykly ýeňillikleriň möçberi; berlen ýörite iş egin-eşikleriň, ýörite iş aýakgaplarynyň we şahsy gorag üçin beýleki serişdeleriň, sabynyň we beýleki ýuwujy serişdeleriň, zyýansyzlandyryjy serişdeleriň, süýdüň we bejeriş-keseliň öňüni alyş iýmitleriň nyrhy ýa-da edara tarapyndan işgärlere berilmedik ýagdaýynda işgärleriň ýörite iş egin-eşikleri, ýörite iş aýakgaplary we şahsy gorag üçin beýleki serişdeleri satyn almak üçin we işçi güýjine beýleki çykdajylary öz içine alýar.

Işçi güýjünden peýdalanmak bilen baglanyşykly salgytlar we ýygymlar 95 setirde görkezilýär, oňa pasportlaryň we wizalaryň resmileşdirmegiň we berilmegi üçin çykdajylar, daşary ýurt işçi güýjüni çekmek üçin töleg, sebitleýin we ýerli ýygymlar girýär.

Maglumat üçin görkezilýär:

Hasabat döwründe işgärlere zähmet hakyny tölemek üçin banklaryň karzlary boýunça göterimler (01 setir).

Kärhananyň emlägine paýnamalar we goýumlar boýunça öz işgärlerine hasaplanan girdejiler (02 setir).

Hasabat döwründe fiziki taraplaryň girdejilerine hasaplanan salgydyň möçberi (03 setir).

№ 1-z (işçi güýji) forma boýunça hasabata kärhananyň (guramanyň, edaranyň) aşakdaky harajatlary goşulmaly däl:

- paýnamalar boýunça girdejiler we işgärleriň guramanyň eýeçiligine gatnaşmakdan beýlekri girdejileri (düşewüntler, göterimler we ş.m.);
- paýdarlar jemgyýetiniň müdirler geňeşiniň agzalaryna, esaslandyryjylara, kärdeşler arkalaşygynyň guramanyň işgärleriniň sanawynda durmaýan boşadylan işgärlerine sylaglar;
- ylmy, edebiýat we sungat eserlerini doretmäge we ulanmaga şertnama boýunça tölenýän awtorlyk galam haklary, şeýle hem senagat nusgalyklary, açyşlary hem-de oýlap tapyşlary üçin tölenýän haklar;
- radiasiýa heläkçiligi netijesinde radiasiýanyň täsirine duçar bolan işgärlere öwezini doluş we beýleki tölegleri goşmak bilen, işgärlere býujet serişdeleriniň hasabyna hasaplanan zähmet hakynyň we sosial tölegleriň goşmaça görnüşleri we beýlekiler;
- çaga seretmek boýunça rugsatdaky we guramanyň ortaça zähmet hakyny hasaplamak üçin kabul edilýän işgärleriň hakyky sanyna goşulmadyk aýallara öwezini doluş tölegleri we beýleki tölegler;
- ýaşaýyş jaýlarynyň we sosial ulgamyň obýektleriniň düýpli gurluşygyna harajatlar.

**Zähmetiň we iş hakynyň statistikasy müdirligi**